# Erdogan boýun egdirildi

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 26 января, 2025
Erdogan boýun egdirildi ERDOGAN BOÝUN EGDIRILDI




Görýänsiňiz, Erdogan global kapitalyň öňünde boýun egdi: Mehmet Şimşege we onuň toparyna «gaznany» ynandy…
Görýänsiňiz, Erdogan NATO imperializmine boýun egdi: Russiýany garşysyna dikip, «ukrainaçy» boldy oturyberdi…
Bu iki görünýäniň arasyndaky baglanyşygy analizlemek gerek. Şuňa meňzeş boýna dakylma Atatürküň döwründen daşgaryn – 150 ýyllyk taryhymyzda zol gaýtalanyp dur:
1854-nji ýyl. Osmanly ilkinji gezek daşardan karz almaga mätäçlik duýdy. Ýogsam bolmasa, ýüzlerçe ýylyň dowamynda döwletiň bergisiniň bolman gelmegi başga ýerde mysalyna duş gelinmeýän ýagdaýdy…
Russiýa garşy alnyp barylan Krym urşy (1853-1856) bilen Osmanly bergi etmäge mejbur edildi. (Prosentiň haramdygy, süýthorlugyň jezasynyň bardygy kimiň piňinedi. Daşarky borçdan öň 1847-nji ýylda Osmanly Söwda Kazyýetlerinde 12%-lik göterim kanunylaşdyryldy. Göterim (prosent) söz oýnatmak arkaly «halal sagadyň nyrhy» diýlip kanunylaşdyryldy!)
Russiýa bilen uruşdan öň Osmanlynyň (1852-nji ýylyň 1-njj marty bilen 1853-nji ýylyň 28-nji fewral aralygy) ýyllyk býužeti des-deňdi.
Girdeji: 1.462.000 halta…
Çykdajy: 1.462.800 halta…
Krym urşy býužeti bozdy, gerimi giňelen uruş çykdajysy zerarly 1854-nji ýylda 3 million sterling kredit alyndy.
Prosent derejesi 6%, ýyllyk amortizasiýasy 4%, ýyllyk çykdajysy 210 müň sterlingdi. Bergini üzmek üçin Müsürden gelýän girdejiler görkezildi.

Şol döwür Ýewropanyñ walýuta çalşygy nokatlarynda Osmanlynyñ san-sajagy bolmadyk baýlygy hemmeleriñ dilindedi. Ýagny, «berilen karzyñ hökman bir garşylygy bolaýmaly» diýilýärdi!



* * *

1855-nji ýyl. 5 million sterling çemesi ikinji gezek karz alyndy.

Prosent derejesi 1%, amortizasiýasy 1%, ýyllyk çykdajysy 250 müñ sterlingdi. Müsür girdejileriniñ bakiýesi esas görkezildi, şeýle-de iñlis we fransuz hökümetleri şaýat durdy.

1858-nji ýyl. Ýene 5 million sterling karz alyndy. Prosent derejesi 6%, amortizasiýasy 2%, ýyllyk çykdajysy 400 müñ sterlingdi.

Stambulyñ gümrük girdejileri, duz salgydy, temmäkiden gelýän girdejiler esas görkezildi.

Bu bergilere garamazdan, osmanly býužeti 1860-njy ýylda 1 million 376 müñ 975 sterlingiñ ýerini dolup bilmedi. Boşlañlygy doldurmak üçin 2 million 37 müñ 220 sterling karz alyndy. Prosent derejesi 6%, amortizasiýasy 1%, ýyllyk çykdajysy 142 müñ sterlinge barabardy. Öwezine birnäçe sanjagyñ (prowinsiýanyñ) dürli ugurlardan toplaýan salgydy esas görkezildi.

Ýyllaryñ dowamynda karz alyndygysaýy býužet boşaberdi.

Şondan soñky ýylyñ boşlugy 1 million 550 müñ 11 sterlinge deñ boldy.

1862-nji ýylyñ (8 million sterling) we 1863-nji ýylyñ (8 million sterling) karzlary, 1869-njy ýylda 22 million 222 müñ sterlinge we 1870-nji ýylda 31 million 680 müñ sterlinge çenli artdy.

Wagtyñ geçmegi bilen prosentler ilki 9%-e, soñ 18″-e çenli artdy. Ýyllyk çykdajylar 1 million 527 müñ 778 sterlinge

ýetdi. (Üns beriñ, bulara içerki bergileri goşamogam).




Osmanly wagtyñ geçmegi bilen bergilerini, prosentlerini üzüp bilmez ýaly ýagdaýa geldi. Daşary ýurt kapitaly almaly zatlary üçin Stambulda «Düýunu-Umumiýe» gurdy we almaly zadyny halkdan zor bilen toplamaga başlady.
Netijede… Bergileri 1955-ji ýylda Türkiýe Respublikasy üzüp geldi. Pariž ylalaşygyna laýyklykda Türkiýäniñ paýyna düşen Osmanly bergileriniñ jemi prosentler bilen bilelikde 107 million 528 müñ 471 million altyn lirady.
Berginiñ osmanly syýasatyna eden täsirini ertire goýalyñ. Çünki düýni bilmeýänleriñ şu gün näme edip ýörenini görýäris:
«Doly garaşsyzlyk» diýip oturan Erdogan Osmanlyny dargadan bergä batyrma syýasatyna boýun egdirildi.
Atatürküñ kürsüsini saklap oturan Kylyçdarogly saýlaw döwründe «karz pul tapdym» diýip öwündi.
Ýeri, Imamogly näderkä?
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.07.2023 ý. Maliýe we ykdysadyýet